# EGLENME

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
EGLENME

EGLENME

Sen juwan, eglenme gidiber öňe,
Salam ber-de geçiber meň deňimden,
Dünýäň aladasyn goýma-da soňa,
Çözgüdin al atyp duran daňyndan.

Elujundan bitirersiň işleriň,
Gözleriň görgüçkä, eştgirkä gulak,
Barka kuwwatly gol, ötgür dişleriň,
Pelegiň özüni goýjaksyň golak.

Gujagyň ger, durmuş gözel görklüdir,
Gülüp garamaga gözle bahana,
Kalby baýlar bardyr edep-erklidir,
Minnetdar bol ýaşaýyşly jahana.

Pany diýme, bakylykdyr bu go:llar,
Menzil aşmalysyň dik tutup seriň,
Garaşyp durandyr gerip giň gollar,
Indi meniň ýetip bilmejek ýerim.

Goşgular